# Teýeneli henekler

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Teýeneli henekler TEÝENELI HENEKLER

– Ýaşuly goýun näçeden?
– 500-den.
– Hany ynsap?
– Ynsaby bireýýäm nebis iýdi.

* *

– Siziñ gyzyl çaýyl çaýylan çemçäñizde «restoran» diýen ýazgy bar ekeni.
– Aý, bir wagtlar şol ýerde işläpdim-läý.

* *

– Sen Hydyr ata sataşan bolsañ näme dilärdiñ?
– Saña akyl dilärdim.

* * *

– Ýoldaş Ezraýyl, näme alsañ al-da, meni goýber!
– Ýokardan perman boldy, ony düzetmek gaty çetin.
– Şu dünýäde düzedip bolmaýan zat barmy näme!

* * *

– Pederiñ kim?
– Melgun.
– Ismiñ?
– Şeýtan.
– Käri-kesbiñ?
– Adamlaryñ arasyna al salmak.

* * *

– Eken erik agaçlaryñyzyñ biri ajy mañyz bolupdyr-ow,

– Nätjek dagy, adamlaryñ arasynda-da şol tetelliler bar ahyryn.

* *

Merhumy alyp barýarkalar birden kellesini galdyrypdyr-da, tabydyñ yzyna düşüp ogluny görüp, oña ýüzlenipdir:
– Men-ä senden gaçyp barýan, a sen nirä gelýäñ? – diýipdir.

* * *

– Gül ekýärin welin, gyzgan gögerýär.
– Tohumyndandyr.

* * *

«Başyn çatyp iki sany setiriñ»
Diýýär: – Maña-da bir tabak getiriñ!
Öñde-soñda aýdan-diýen zatlary,
Agramyny göterenok oturyñ.

* * *

Uly wezipede çişdi güp ýaly,
Dogan-gardaş, dost göründi çöp ýaly,
Ynha, bir gün işde pyzyldy welin,
Myssaraýdy ýeli giden top ýaly.

* * *

Ak geýeniñ bary bolsady lukman,
Ajalyñ tepbedi okalar hökman.
Ýöne käbir lukman bolýan sumaklar,
Jübüñe seredýär, ýüzüñe bakman.

Nurgeldi ÇAKANOW. Degişmeler